# Eger-eger / satiriki hekaýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Satiriki hekaýalar
написано kitapcy | 23 января, 2025
Eger-eger / satiriki hekaýa EGER-EGER




«N» şäher azyk harytlar söwdasy edarasyna garaşly 12-nji dükanyñ satyjysy Hasarow arakhorluga garşy göreşi güýçlendirmek baradaky karary gödek bozup, bellenilen wagtdan öñ arak satýar. Şeýle hem Hasarow bäş otuzluk aragyñ her çüýşesini alty manatdan gelene ýelmäp dur, ýelmäp dur. Adamlar birneme böwşeñleşensoñ, men onuñ golaýyna baryp pyşyrdadym:
— Ýoldaş Hasarow, öz bahasyna arak barmy?!
— Köne rus aragymy?! — diýip, ol kiçijik gözlerini jikjertdi.
— Maña ajy zat bolsa bolýar — diýip, men aýtdym.
— Ol-a ýok. Size «Ekstra» gerekdir?!
— Tapawudy ýok, şu çal kelläni aýlasa bolýar — men kellämi tutdum.
— Mendäki arak juda köne-dä.
— Pýotr Birinji döwründe ýasalanam bolsa içjek.
— Gaty añyrrakdan habar berýäni bar, Omar Haýýam üçin bir çüýşe goýupdym. Olam gelmedi, pahyr bolupdyr — diýip, Hasarow ýeserligine başlady.
Mahlasy Hasarow keçjallygyna tutdy. Çünki bäş otuzdan arak soramagam onuñ ýeñse damaryny çekilen kirşe dönderen bolarly.
— Şol Omar Haýýam üçin goýanjañy beräý.
— Ol arak gaty güýçlenipdir. Içseñ seni göni ýykar-da.
— Ýere sokýanam bolsa içjek — diýdim.
— Ögärsiñ, añryñy bäriñe getirer-dä.
— Çöwrülýänem bolsam äber bäri — diýip, pully elimi uzatdym.
— Içip, huşagetirijä, ýa-da on bäş gije-gündizlige düşersiñ-dä.

– On bäş ýyllyga düşýänem bolsam, getir bäri, içjek – diýip, men dyzap başladym. Ýöne weli, satyjy Hasarow ejizlär ýaly däldi.
– Serhoş bolup, aýalyňa azar berersiň-dä – diýip, ol arkaýyn jogap berdi.
– Eger aýalym bilen aýrylyşmalam bolsam içjek, getir bäri.
– Arak burnuňy gyzardýandyr, aýtmady diýme.
– Gözümi gyzardýanam bolsa – diýip, men öňe dyzadym.
– Darka ýarylýaň…
– Nas bolýanam bolsam…
– Pişik bolup mawlaýaň.
– It bolup üýrýänem bolsam…
– Öýüň kosmosa göterilip gidýär.
– Ýedi gat ýer astyna gidýänem bolsa, getir, içjek.
– Sarylatma bolýaň.
– Pappataçy bolýanam bolsam.
– Birinji gruppa inwalid bolýaň.
– Ölýänem bolsam…
Gepiň gysgasy men iň soňky pellä ýetdim. Emma öz bahasyna arak alyp bilmedim.
Gurbangylyç HYDYROW. Satiriki hekaýalar